**5. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşaw boýunça maksatnamasy (UNEP) arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama.**

**Gol çekilen senesi: 2023-nji ýylyň 13-nji noýabry.**

**Umumy maglumat:**

Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasy (UNEP) BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy bolup, 1972-nji ýylyň 5-nji iýunynda esaslandyryldy. Şol gün mynasybetli her ýylyň 5-nji iýuny Daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä güni hökmünde bellenilýär.

Ştab kwartirasy Kenýa Respublikasynyň Naýrobi şäherinde ýerleşýär.

Bu guramanyň Merkezi Aziýa boýunça Sebitleýin edarasy Gazagystan Respublikasynyň Almaty şäherinde döredildi.

Daşky gurşawy goramak boýunça Türkmenistanyň goşulan konwensiýalarynyň köpüsi, şol sanda Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly Konwensiýasy (Tähran Konwensiýasy) UNEP tarapyndan utgaşdyrylýar.

Bu gurama döwletler tarapyndan tölenýän gatanç töleglериň hasabyna hereket edýär.

**Esasy maksady:**

1. Daşky gurşawy goramagyň dürli ugurlary, şol sanda howanyň üýtgemegi boýunça halkara şertnamalaryň durmuşa geçirilmegi boýunça hyzmatdaşlyk etmek hem-de bilelikdäki taslamalary ýerine ýetirmek.

2. Taraplaryň arasynda umumy gyzyklanma döredýän ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk etmek we özara işleşmek üçin şertleri üpjün etmek.

**Esasy ugurlary:**

1. Aşgabat şäherinde Merkezi Aziýa üçin Howa tehnologiýalary boýunça sebit merkezini döretmek babatda öňe sürülýän başlangyjyň durmuşa geçirilmegine ýardam bermek.

**Hereket ediş möhleti:** 5 ýyl hereket edýär.